***Häzirki wagtda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny geçirmek boýunça degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Mälim bolşy ýaly, bu gurama bilen hyzmatdaşlykda ýokary derejeli forumy guramaçylykly geçirmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiz degişli Karara gol çekdi. Oňa laýyklykda, şu ýylyň 4 — 8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny we ugurdaş çäreleri ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek bellenildi.***

Şunuň bilen baglylykda, 8-nji iýulda sanly ulgam arkaly Türkmenistanyň Hökümetiniň we Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçirmek babatda ylalaşmalar hakynda Ylalaşyga gol çekildi. Ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysynyň we BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary, az derejede ösen, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar hem-de kiçi ada döwletler boýunça Ýokary wekili Rabab Fatimanyň gatnaşmagynda degişli Ylalaşyga gol çekilmegi bu halkara çäräniň uly ähmiýetini görkezýär. Onda bellenilişine görä, halkara forumy ýokary derejede geçirmek üçin guramaçylyk çärelerini ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan oňyn Bitaraplyk syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek bilen, ählumumy parahatçylygy pugtalandyrmaga, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen başlangyçlar bilen çykyş edýär. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçiriljek ýokary derejeli halkara çäre şol başlangyçlary mundan beýläk-de ilerletmekde möhüm ädim bolar.

**Aýna ÇARYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.**

Все права защищены